# HER BIR KIŞI TÄSIRLI BLOG ÝAZYP BILÝÄR

## EGER ŞU MASLAHATLARA EÝERSE

**Awtorlar: Blogerler**

**Redaktor: Şöhle Mämmedowa**

**2019 -njy ýyl**

Biz **Saglyk** topary bolup, bir ýylyň dowamynda biz bilen hyzmatdaşlyk edýän blogerlerden täsirli we güýçli blog ýazmakda ulanýan tärlerini we beýleki blogerlere maslahatlaryny paýlaşmaklaryny haýyş etdik. Şoňa görä-de, bu kitapça bir adamyň däl-de, birnäçe blogerleriň tejribelerine we maslahatlaryna esaslanýar.

**Bloger** – bu özüni gyzyklandyrýan mowzuklary barada internetde makala ýa-da post ýazýan adamdyr.

**Kitapçanyň maksady** – blog ýazmak üçin maslahatlary köpçülik bilen paýlaşyp, türkmen dilinde jemgyýete peýdaly materiallaryň sanyny artdyrmakdyr.



# MAZMUNY


1. Nireden başlamaly?
2. Nädip başlamaly?
3. Nädip tankydy pikirlenmeli?
4. Blog nähili äheňde ýazylmaly?
5. Delilleri nädip ulanmaly?
6. Ýazyjylyk ukybyňy nädip türgenleşdirmeli?
7. Nädip üstünlikli interwýu almaly?
8. Okyjylaryň bilen araňy nädip sazlamaly?
9. Haýsy ýalňyşlyklardan gaça durmaly?

# NIREDEN BAŞLAMALY?

Durmuşyňda, obaňda, köçäňde, etrapçaňda näme täzelik bar?

Biziň köpümiz ýerli wakalara garaňda uzakdaky ýurtlardan we ol ýerlerde bolup geçýän wakalardan has habarly bolýarys. Başga ülkeler barada ýazmak gaty gowy zat, ýöne teklipleriň netijeli bolmagy üçin ilki bilen özüňe “Men näme üçin şu mesele barada aladalanýan we türkmenistanly okyjy bu mesele bilen näme üçin aladalanmaly?” diýip sorag berseň, “Halkara tejribeler meniň jemgyýetimde netije berip bilerdimi?” diýip oýlansaň, makalaň täsirli bolar. Bir makalada 2-3 meseläni ele almakdan saklanmaly – okyjynyň ünsüni sowýar we makalanyň manysy ownaýar.

# NÄDIP BAŞLAMALY?

“Men makala ýazmaga nädip başlaýyn?” Şeýle sorag ähli makala ýazýanlarda döreýär. Makala ýazmaga öz gyzyklanýan meseläň barada düşünjäňi artdyrmak diýip çemeleşmek dogry bolardy.

- ☑ **Google!** Saglyk meseläniň diňe bir tarapyny gozgaýan makalalary kabul etmeýär. Makala ýazmaga başlamazdan öňürti gyzyklanýan mowzugyňa degişli azyndan 5 ygtybarly çeşmäni okamagy we olaryň üstünde pikirlenmegi maslahat berýäris. Meselem, “Şu mesele boýunça goňşy ýurtlarda, sebitimizde nähili peýdaly tejribeler, barlaglar bar?” diýen soragy özüňe berip bilersiň. “Haýsysy we näme üçin biziň jemgyýetimize peýdaly bolar?”
- ☑ **Türkmen mediýasy.** Türkmen mediýasynda dürli meseleler boýunça häkimiýetleriň garaýyşlaryny, statistiki maglumatlary tapyp bolýar. Şonuň üçin gazetlere, websaýtlara wagtal-wagtal göz gezdirip durmaly. Çeşmäni bellemegi we makalaňda görkezmegi unutmaly däl.
- ☑ **Statistika.** Gynansakda ýurduň ösüşine degişli statistiki maglumatlar adaty adama elýeter däl. Şonuň üçin biz halkara guramalaryň sanlaryna üns bermeli bolýarys. Eger deňeşdirmäne mümkinçlik bolsa bu okyjy we jemgyýet üçin has hem netijeli bolýar. Şu gozgalýan mesele barada häkimiýetler statistiki maglumaty aýan edýärmi? Bu mesele babatda başga guramalar näme diýýär? Meselem, BMG (UN), BSSG (WHO), ÝUNISEF (UNICEF), ÝUNDP (UNDP) ýaly halkara guramalaryň maglumatlaryny internetde tapyp bolýar. Şu guramalaryň edaralary ýurdumyzda bar. Şeýle çemeleşme düýpli, informirlenen analiza amatly şertleri döredýär.
- ☑ Tanyşlaryň, dost-ýarlaryň, garyndaşlaryň, maşgalaň bilen çaý başynda, IMO üsti bilen temaň hakynda söhbetdeş bol. **Köplenç biz daş-töweregimizdäki adamlary ygtybarly maglumat çeşmesi hasaplamaýarys. Bu uly ýitgidir.** Öz jemgyýetiň barada her gün öwrenmäne ymtylmaly. Jemgyýet = adamlar, adamlar = jemgyýet. Onda dürli toparlar, dürli garaýyşly adamlar ýaşaýar. Olar meseläniň sebäplerine başgarak düşünip, başga çözgüdi agtarmaklary hem mümkin. Olaryň garaýyşlaryna üns bermek bilen sen makalaň üçin ençeme gyzykly, durmuşy wakalara baý materiallary toplap bilersiň.

# NÄDIP TANKYDY PIKIRLENMELI?



**Eýsem tankydy pikirlenmek näme?**

Tankydy pikirlenýän adam tankytçy, şikaýatçy däl-de, ýagdaýa ýa meselä dürli tarapdan seredip, onuň içini-daşyny söküp bilýän derňewçidir.

Tankydy pikirlenijilere mahsus häsiýetler:

- ☑ Kabul edýän maglumatyňa dogry düşünmek. Oňa öz isleýşiň ýaly däl-de, çeşmäniň diýjek boluşy ýaly düşünmek.
- ☑ Analiz etmek. Maglumatyň her bir bölejigini ýerli-ýerinde goýup, beriljek bolýan mana akyl ýetirmek.
- ☑ Gurallaryňy ulanmak. Öňüňdäki meseleden ýa ýagdaýdan dogry netije çykarmak üçin gerek bolan gurallaryňy (bilim, dürli çeşmeler, maslahatlaşma) ulanmak.
- ☑ Bahalandyrmak. Maglumatyň dogrulygyny we ygtybarlylygyny barlap, şoňa görä oňa baha bermek.
- ☑ Düşündirmek. Maglumata diňe doly düşünmek bilen goýman, ony öz sözüň we mysallaryň bilen islendik adama düşündirip bilmek.
- ☑ Özüňi sazlamak. Birkemsiz däldigiňi ýatda saklamak. Öz pikirleriňi we gelýän netijeleriňi ýedi ölçäp bir kesmegi unutmazlyk.

Sen her gün ýüzlerçe maglumat bilen ýüzbe-ýüz bolýarsyň. Her bir tema barada tankydy pikirlenmek mümkin bolmasa-da, iň bärkisi özüňe täsir edýänlerini derňeseňem wagtyň geçmegi bilen bu ukyp seni özbaşdak pikirlenip, her bir kişi bilen rahat söz alyşyp bilýänleriň hataryna goşar. Ol bolsa bloglaryňda şöhlelener.

# BLOG NÄHILI ÄHEŇDE ÝAZYLMALY?

**Makala, blog** – bu habarlar ýa-da akademiki (leksiýa, konspekt, hasabat) iş däldir. Şonuň üçin blogyňy uzyn we çylşyrymly edip ýazmagyň we gündelik durmuşda ulanylmaýan türkmen dilini ulanmagyň zerurlygy ýokdur. Uzyn sözlemler okyjynyň ünsüni sowýar, ýazylanlaryň düşünilmegini kynlaşdyrýar we netijede okyjy makalany okamagyny taşlaýar. Janly türkmen dilinde, gysga we düşnükli aýdylan sözlemler blog üçin has ýerliklidir.

Bloguň hökmany ýagdaýda “strukturasy” bolmaly. Blog ýazylanda hemme pikirleriňi jemläp, olary birsyhly akym boýunça beýan etmeli.

Ýazylan pikirler ähli adama düşnükli bolmaly. Okyjyda makalaňa düşünmek üçin hiç hili ýöriteleşdirilen bilim bolmaly däl. Biz, makala ýazýanlar, köplenç öz ýazgymyza özümiz düşünsek hemmeler düşüner diýip pikir edýäris. Ýöne, biz dogry dili saýlap almasak, detallary anyklaşdyrmasak, köpçülige düşnükli dil ulanmasak, onda biziň pikirlerimiz okyja gyzykly bolmaýar. Jargon, ýöriteleşdirilen diller ýa-da akademiki dil ulanmaly bolsaň, takyk düşündiriş bermeli. Ýatda sakla! Seň ýazan blogyň esasy maksady diňe okyjylarda täsir galdyrmak däl-de, okyjylary oýandyrmak we olar bilen söhbetdeşlik gurmakdyr!

# DELILLERI NÄDIP ULANMALY?

Üstünlikli makalalar diňe bir çeperçilik we dürs ýazuw talap etmän, eýsem awtoryň gozgaýan meselelerine laýyk delilleri hem öz içine alýar. Delilleriň birnäçe görnüşleri we olary tapmagyň hem birnäçe usullary bar:

- ✓ **Şahsy tejribeler** – muňa öz şahsy durmuşyňda bolup geçen ýa-da şaýat bolan, eşiden wakalaryň degişli bolup, makalaňda olaryň ýerliklilerini agzap geçmek okyjynyň saňa bolan ynamyny has hem artyrýar.

- ✓ **Ylmy barlaglar** – bu ylmy açyşlary, seneleri, makalalary, statistiki maglumatlary öz içine alýar. Bulary makalaňda ulanmak seniň mowzugyň täsirini we manysyny güýçlendirýär. Iň ygtybarly ylmy maglumatlary halkara we hökümet guramalaryndan, gözleg laboratoriýalaryndan, ylmy gazet-žurnallardan tapmak mümkin.

- ✓ **Sosial mediýa** – dürli ýaşdaky adamlaryň sosial saýtlardaky işjeňligi gitdigiçe artýar. Bu bolsa sosial mediýanyň adamlaryň durmuşynyň bir bölegine öwrülendigini görkezýär. Şonuň üçinem, adamlaryň internetdäki hereketlerini, makaladyr-teswirlerini mysal getirmek makalaňy deliller bilen baýlaşdyrmagyň ýeser usullarynyň biridir.

# ÝAZYJYLYK UKYBYŇY NÄDIP TÜRGENLEŞDIRMELI?

1. Öz halaýan goşgularyň, eserleriň, habarlaryň birini alyp, oňa bolan garaýşyňy we onuň özüňde galdyran täsirini beýan et.

2. Internetden ýa-da sosial mediýadan bir suraty alyp, ol barada pikiriňi ýaz.

Şularyň haýsam bolsa birini her gün 10-15 minudyňy aýryp et. Her gün hökman et. Sebäbi 24 sagatdan 10-15 minut aýyrmak kyn däl. Mundan lezzet almaga çalyş. Bu güýmenjäniň seni kem-kemden gowy ýazyjy edýändigini özüňe ýatladyp dur.

Eger goşgy ýa surat bilen işlemek gyzyksyz bolsa, olaryň ýerine makala, kitap, kino, reklama, aýdym ýa saz hem ulanyp bilersiň. Esasy zat mundan lezzet almak we dowamly türgenleşmek. Şonda nädip has gowy ýazyja öwrüleniňi bilmän galarsyň.

# NÄDIP ÜSTÜNLIKLI INTERWÝU ALMALY?



Makala ýazmagyň iň bir lezzetli ýollarynyň biri adamlar bilen söhbetdeş bolmak bolsa gerek. Ýöne söhbetdeşiň saňa dogry we anyk maglumatlary bermegi üçin nämeler etmelikä?

Hünärmenler barlag geçirip, islendik söhbetdeşligiň bol hasyl bermegi üçin interwýu alýanlara altyn düzgünleri hödürlediler:

1. **Resmi interwýu däl, adaty söhbetdeşlik geçir.** Söhbetdeşiňden gazet-žurnallarda görkezilişi ýaly interwýu aljak bolma. Interwýuwy näçe rahat, çaý başynyň söhbetdeşligine öwürseň söhbetdeşiň hem özüni şonça arkaýyn duýar we gürrüňiňiz has gyzykly geçer.
2. **Interwýuwdan öňürti öý işiňi etmäni unutma.** Söhbetdeşiňden nähili maglumatlar almak isleýändigiňi we onuň nähili adamdygyny anykla. Soraglaryňy şoňa görä taýýarla.
3. **Öz şahsy garaýyşlaryňy, ynançlaryňy we düşünjeleriňi öýde goýup git.** Başga biriniň pikirlerini arkaýyn diňlemegiňe, goý, olar päsgel bermesin.
4. **Diňe taýýarlan soraglaryňy sorap oňma.** Söhbetdeşiň jogaplarydyr gürrüňleri täze soraglara eltip biler. Elmydama garaşylmadyk soraglara we gürrüňlere gujak aç.
5. **“Hawa” ýa “Ýok” jogaplary talap edýän soraglary köp bermekden saklan.** Söhbetdeşiňe näçe gysga jogaby bolmadyk soraglary berseň, ol şonça-da saňa içini döker.
6. **Söhbetdeşiň öňünde bellik alma.** Bu söhbetdeşiňi biynjalyk edip biler. Söhbetdeşligiňi ýazga ýazdyrmak hiç zady unutmazlygyňa kepil geçer. Muny söhbetdeşiňe duýdurman hem edip bilersiň, **emma** ol ses ýazgyny şahsy makalaňdan başga maksatlar üçin söhbetdeşiň razyçylygyny alman ulanmak we ýaýratmak **bikanundyr**.
7. **Diňlemegi kämilleşdir.** Hakyky diňleýjilere adamlar artykmajy bilen maglumat beregen bolýarlar. Çünki hakyky diňleýji göwresini sözleýjä öwrüp oturýar, ähli ünsüni oňa berýär, sözleýjä sözläre we pikirlenere pursat berýär, söhbetdeşiniň sözüni bölmeýär we duýgudaşlyk bildirmekden çekinmeýär.

# OKYJYLARYŇ BILEN ARAŇY NÄDIP SAZLAMALY?

Ökde ýazyjy hiç mahal okyjylaryny ýatdan çykarmaýar. Seniň döreden ýazgyňa jan ony ýazyp başlaňda däl-de, ony okyjylar bilen paýlaşaňda girýär. Ýazgyň hernäçe belli bir okyjylar toparyna degişli bolsa hem, bir köpçülige çykaraňsoň ony hiç kimden gorap bilmeýärsiň. Özüň bilen hemmeleriň ylalaşmagyny gazanmak mümkin däl, emma ýazmagyň iň hezil tarapy senden tapawutly pikirlileriňem bardygyna göz ýetirip, olara düşünmegi we olar bilen parahatçylykly aragatnaşyk etmegi öwrenmek dälmikä? Pikirleri seňki bilen deň bolsun ýa bolmasyn, okyjylaryň her biri bilen dost bolmagy başarmak ýazyjynyň uly üstünligidir.



- **Ýazaňda hamala dostuň bilen gürleşýän ýaly ýaz.** Okyjylaryň makalaňy okanlarynda özlerini seniň bilen çaý başynda ýaly duýsunlar. “Sen” diýip ýüzlenmäni endik edin.
- **Düýäniň köp ýandak iýişi ýaly, metaforany köp ulan.** Metaforalar çylşyrymly pikirleri hem ýönekeý we täsirli beýan etmäge ýardam edýär.
- **Okyjylaryňy höweslendir.** Hatda ýazýan makalaň “pylan zat hakynda peýdaly maslahatlar” hem bolsa, ony okyjylaryňy pikirlendirjek, herekete saljak ýa-da okamaga hasam höweslendirjek paragraf bilen jemlemegi unutma.
- **Diňe özüňi gyzykly edip görkezme, okyjylaryň bilen hem gyzyklan.** Biriniň oýlanmasyny ýa pikirini okamak gyzykly bolup biler, emma okyjy haçanda ýazyjy bilen ýa-da ýazyjynyň ýazgysy bilen baglanyşyk duýanda oňa reaksiýa berip başlaýar. Çünki ol öz sesiniň diňleniljekdigine ynanýar.
- **Hiç bir teswiri jogapsyz goýma.** Okyjy üçin teswiriniň jogapsyz goýulmagyndan uly göwnüçökgünlik ýok bolsa gerek. Her bir teswire giň düşünje we hormat bilen jogap ýazmagy kämilleşdir.
- **Gaharyňa erk et.** Hiç kim seniň pikiriň bilen ylalaşmaga borçly däldir. Okyjyň hernäçe bimaza ediji teswir ýazsa hem, oňa edepli jogap bermegi başar. Hatda ol çäkden çykyp, özüňi alyp barma düzgünlerini bozsa hem, oňa rahat şekilde kanuna görä çäre gör.

## HAÝSY ÝALŇYŞLYKLARDAN GAÇA DURMALY?

- **Artykmaçlyk** – seniň bloguň gereginden artyk maglumat ýa söz öz içine almaly däl. Artykmaçlyk diňe okyjyny ýazgyňdan ýadadyp daşlaşdyrar.
- **Tertipsizlik** – seniň ýazýan zadyň näçe gyzykly ýa möhüm hem bolsa, ýazgyňda tertip bolmasa ol düşnüksiz bir zada öwrüler. Paragraflar we üznüksizlik ýazgyny tertibe salýan esasy elementlerdir.
- **Temadan daşlaşmak** – ýazan blogyňy barlanyňda, her sözlemi okanyňda özüňe “Şu sözlem meniň gürrüňini edýän temama degişlimi?” diýen soragy bermäni endik edinmeli.
- **Okyjylaryň kimdigini göz öňüne tutmazlyk** – okyjylaryň nähili düşünjeli, nireli, näçe ýaşly adamlardygyny bilmek saňa ýazgyňy olara has hem gyzykly we olaryň durmuşlary bilen baglanyşykly etmäge kömek eder.
- **Barlamazlyk** – blogy ýazyp dynaňsoň ony mazaly barlamak blogy ýazmak we tertiplemek bilen deň derejede möhümdir. Barlanylmadyk, düzediş girizilmedik ýazgy duzsuz nahar ýalydyr.
- **Kämillige ymtylmak** – birkemsiz ýazyjy bolmaýar. Birkemsiz diýmek sen eliňden gelenini etdiň diýmekdir. Blogyňy iň gowysy etjek bolup höwesiň gaçmagyna ýol bermeli däl. Ýalňyşlyklaryňdan öwrenmeli we yzygiderli tejribe almagy dowam etmeli.
- **Teswirlere üns bermezlik** – blogyňy çap edeňsoň ony ýatdan çykarmaly däl. Oňa wagtly-wagtynda seredip, teswirlere jogap bermeli. Okyjylaryň bilen näçe köp aragatnaşyk etseň, olar hem saňa şonça ýakynlaşarlar.

